# Howsala

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Howsala HOWSALA




Huşumda howsala.
Düýşde howsala.
Beýdip ýörenden.
Jan alsa gow-a!
Derdim hylalla.
Ýalbardym Alla.
Haýry degmedi.
Gözlämde dalda.

Ýalbardym şemala,
(Taňry hamana!)
– Äkit-diýdim-derdim
Gelmesiz ýola.

Şemalam birbada
Üýtgedi bada.
«Kowaryn» diýip,
Bermedi wada.

Ýalbardym daga,
Ýalbardym baga,

Diýdiler: – Nesipdir
Özüňe, aga!

Ýalbardym çöle.
Ýalbardym köle.
Gorkudan ýaňa
Gözleri möle.

Howsala, howsala.
Sen niçik bela?
Ýalbarmak ýalbardym
– Derdim kowsana!

Çykan dek ýerden.
Ses geldi birden.
– Oýan sen adam.
Oýan sen birdem.

Aýtsam, rastym,
Gorkaklar dostum.
Şo mahal meniň
Aýyldy essim.

Zandyňda gorky.
Zandyňda ürki.
Heý, onsoň howsala
Almazmy erki?!

14-15.12.2014 ý. Goşgular